TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BMG-NIŇ JOGAPKÄRÇILIKLI AGZA DÖWLETI HÖKMÜNDE TÜRKMENISTAN ILERI TUTÝAN UGURLARYNY BELLÄP, ÖZ ÇEMELEŞMELERINI WE HEREKETLERINI ANYK BEÝAN EDÝÄR HEM-DE DURMUŞA GEÇIRÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

22-nji sentýabr, 2023. Belgisi 38/1552



# TÜRKMENISTAN HALKARA HYZMATDAŞLYGYNDA TÄZE BAŞLANGYÇLARY ÖŇE SÜRDI

*Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyna gatnaşdy.*

Sessiýanyň gün tertibi okgunly ykdysady ösüşe ýardam bermek, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, häzirki döwrüň ählumumy wehimlerine, howplaryna garşy durmak, ekologiýa we daşky gurşawy goramak, adam hukuklary ýaly möhüm ugurlara we beýlekilere degişli meseleleriň giň toplumyny öz içine alýar.

Döwlet Baştutanymyz Birleşen Milletler Guramasynyň belent münberinden çykyş edip, sebit we ählumumy derejedäki wajyp meseleler boýunça ýurdumyzyň ileri tutulýan garaýyşlaryny, şeýle hem ählumumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge gönükdirilen täze, döredijilikli başlangyçlaryny beýan etdi.

Çykyşynyň başynda hormatly Prezidentimiz ýygnananlary BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň başlanmagy bilen gutlady we netijeli işlemegi arzuw etdi. Döwlet Baştutanymyz ilçi Dennis Frensisi Baş Assambleýanyň Başlygy wezipesine saýlanmagy bilen gutlady hem-de oňa şu jogapkärli döwürde alyp barjak işinde goldaw we ýardam beriji sözlerini beýan etdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki döwürde hut örän ýokary jogapkärçilik duýgusy biziň guramamyzyň agza ýurtlarynyň 193-siniň ählisini hem birleşdirmelidir. Geografik taýdan ýerleşýän ýerine, ilatynyň sanyna, ykdysadyýetiniň möçberine, jemgyýetçilik-syýasy nusgasyna garamazdan, olaryň her biri Milletler Bileleşiginiň öňünde durýan wezipeleri çözmäge öz möhüm goşandyny goşmalydyr. Köp sanly sebäplere görä, häzirki zaman dünýäsi örän düýpli wehimleriň birnäçesi bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Ýüze çykmagynyň aýratynlyklary bilen, olaryň ählisi döwletara gatnaşyklaryň barşyna azda-kände täsir edýär. Ählumumy gün tertibiniň esasy ugurlary boýunça ylalaşylan ösüş meýilnamalarynyň hem-de maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegine ýygy-ýygydan ýaramaz täsirini ýetirýär. Bu bolsa, öz gezeginde, BMG-niň esasy işi hökmünde ählumumy howpsuzlygyň düýpli sütünleriniň weýran bolmagyna getirip biler. Muňa, elbetde, ýol bermek bolmaz diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Şundan ugur alyp, Türkmenistan köp ýyllaryň dowamynda howpsuzlygyň bölünmezligi we bitewüligi, onuň dürli ugurlarynyň biri-birinden aýrylmazlygy ýörelgesini berk we durnukly goraýar. Biz harby we syýasy howpsuzlyga ykdysady, ekologik, tehnogen, energetika, ulag, azyk, biologik, maglumat howpsuzlygyndan aýrylykda seredip bolmajakdygyna ynanýarys. Sanalyp geçilen ugurlaryň hiç biri ikinji derejeli ýa-da möhüm däl bolup bilmez, olary çözmegi bolsa has giçki möhlete goýup bolmaz diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Men BMG-niň baş wezipesi howpsuzlyk meselesine hut şeýle, utgaşykly çemeleşmegi üpjün etmekden ybaratdyr diýip hasaplaýaryn. Agza döwletleriň tejribesini, ygtyýarlylygyny, ideýasyny we başlangyçlaryny döredijilikli ugra gönükdirmeli diýip pikir edýärin. Hakyky ykbal kesgitleýji maksatlara ýetmek üçin wagtlaýyn bähbitlerden we artykmaçlyklardan el çekmeli diýip hasap edýärin. Şol maksatlar pugta parahatçylygy we howpsuzlygy, uzak döwür üçin ösüşi üpjün edip biler diýip, hormatly Prezidentimiz belledi. Nygtalyşy ýaly, muny bolsa diňe bilelikde we Birleşen Milletler Guramasynyň aýgytly orny bolanda gazanyp bolar. Häzirki zaman dünýäsinde BMG-niň orny baradaky çekişmeler, ony özgertmek boýunça teklipler netijesinde, bu guramanyň ýerini tutjak edaranyň ýokdugy üýtgewsiz we äşgär bolup galýar.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň bu meseledäki düýpli garaýyşlary barada aýdyp, esaslandyrylan gününden bäri geçen onýyllyklaryň dowamynda bolşy ýaly, BMG-niň häzirki döwürde hem parahatçylygy saklamak, ählumumy hem-de hemmetaraplaýyn howpsuzlygy, halkara gatnaşyklaryň häzirki gurluşynyň durnuklylygyny üpjün etmek üçin jogapkär bolan ýeke-täk köptaraply we kanuny gurama bolup çykyş edýändigine ünsi çekdi. Munuň özi Türkmenistanyň düýpli garaýşydyr.

Şoňa görä-de, bolup geçýän wakalara hem-de meýillere oýlanyşykly, ideologiýalaşdyrylmadyk bahany bermek, dünýä syýasatynda ynamsyzlygy, gapma-garşylykly dartgynlylygy ýeňip geçmek, ylalaşyk, bähbitleri özara hasaba almak boýunça geljegi anyklamaga çalyşmak üçin bütindünýä guramasynyň mümkinçiligini, syýasy-diplomatik guralyny, at-abraýyny yzygiderli we doly peýdalanmalydyrys. Muny diňe Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda aç-açan, dogruçyl gatnaşyklarda amala aşyryp bolar. Şeýle gatnaşyklary gazanmagyň ýönekeý bolmajakdygy äşgärdir. Şeýle-de bolsa, ol zerurdyr diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň birnäçe başlangyçlary beýan edildi. Hususan-da, dünýä ösüşiniň möhüm ýagdaýlaryny hem-de meýillerini hasaba almak bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň kadalary we halkara hukugyň umumy ykrar edilen düzgünleri esasynda Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşmaga başlamak teklip edildi.

Biziň pikirimizçe, şeýle strategiýa adaty töwekgelçilikler bilen bilelikde, soňky döwürde ýüze çykan töwekgelçilikleriň hem bardygyny beýan etmelidir. Şeýle hem biz strategiýa BMG-niň işiniň birnäçe ugurlaryny, hususan-da, gapma-garşylyklaryň öňüni almagyň, olary ýok etmegiň guraly hökmünde öňüni alyş diplomatiýasyny; jedelleri we dawalary parahatçylykly, syýasy-diplomatik taýdan düzgünleşdirmek üçin bitaraplygyň mümkinçiliklerini peýdalanmagy; BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2021-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» hem-de 2023-nji ýyly «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamalary esasynda ynanyşmak dialogynyň medeniýetini girizmegi zerur hasap edýäris. Wagt häzirki pursatda bu Kararnamalaryň zerurdygyny tassyklady diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Ählumumy we hemmetaraplaýyn howpsuzlygy gazanmak maksady bilen, Türkmenistan BMG-niň işine sebit meselesi beýan edilen garaýyşlary ornaşdyrmagyň zerurdygyndan ugur alýar. Şeýle çemeleşme bilelikdäki işe gerek bolan takyklygy girizmek, onuň wezipesini hem-de netijeliligini ýokarlandyrmak üçin zerur diýip hasaplaýarys. Hormatly Prezidentimiz «Merkezi Aziýa — BMG» ugry boýunça inklýuziw, doly görnüşli we ulgamlaýyn dialogy ýola goýmagyň wagtynyň gelendigine ynam bildirip, Türkmenistanyň oňa girişmäge hyzmatdaşlary hormat bilen çagyrýandygyny nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýada we onuň bilen ýanaşyk zolaklarda Howpsuzlyk boýunça maslahaty döretmek baradaky başlangyç beýan edildi. ■ 2

## Uzakmöhletleýin ýörelgelere esaslanýan köpugurly gatnaşyklar

Garaşsyzlyk döwründe Watanymyz syýasatda, ykdysadyýetde, oba hojalygynda, senagatda, bilimde, ylymda, medeniýetde, saglygy goraýyşda we sportda ýokary sepgitlere eýe boldy. Ýurdumyz dünýäniň köp döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Döwletimiz ählumumy ykrar edilen ynsanperwer ýörelgelerden ugur alyp, sebit we dünýä döwletleri hem-de köp sanly abraýly halkara guramalary bilen hoşniýetli gatnaşyklary ýola goýmak bilen, parahatçylyk arkaly durnukly ösmegiň nusgalyk ýoluny alyp barýar hem-de dürli halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna gatnaşýar. Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryny netijeli durmuşa geçirmäge gönükdirilen ulag, energetika, suw diplomatiýasyndaky halkara başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginde giň goldawa eýe bolýar. Türkmenistanyň halkara abraýynyň barha artmagy, dünýä döwletleri bilen syýasy, ykdysady, medeni we beýleki ugurlar boýunça özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy, ýurdumyzda alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasatynyň oňyn netijeleridir.

Hormatly Prezidentimiziň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji konsultatiw duşuşygynda, Araly halas etmegiň Halkara gaznasyny (AHHG) esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisinde çuňňur manyly çykyş edip, öňe süren asylly başlangyçlary Gahryman Arkadagymyzyň ak ýolunyň — abadançylyk, parahatçylyk, hoşniýetli hyzmatdaşlyk ýolunyň mynasyp dowam etdirilýändigini tassyklady.

Mälim bolşy ýaly, Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji konsultatiw duşuşygynda sebit boýunça goňşy döwletler bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmagyň we giňeltmegiň ileri tutulýan ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Merkezi Aziýa Söwda edarasyny döretmek meselesine garamak teklibi bilen Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlaryna ýüzlenen hormatly Prezidentimiz ýaşlaryň döredijilik başlangyjyny höweslendirmek maksady bilen, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň täze tehnologiýalar boýunça Geňeşini döretmegi, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Energetika dialogyny döretmegiň maksadalaýyk hasaplanýandygy, ulag ulgamynyň hyzmatdaşlygyň strategik ugry bolup galýandygyny bellemek bilen, Merkezi Aziýa ulag-logistika platformasyny işe girizmek mümkinçiligine garamagy teklip etdi. ■ 2

# YKDYSADY ÜSTÜNLIKLERIŇ SERGISI

*20-21-nji sentýabrda paýtagtymyzda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň ykdysady üstünlikleriniň sergisi geçirildi. Däp bolşy ýaly, Watanymyzyň baş baýramynyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda geçirilýän nobatdaky ykdysady gözden geçiriliş ösüşiň aýdyň ýoluna düşen milli ykdysadyýetimiziň guwandyryjy üstünliklerini şöhlelendirmäge gönükdirilendir.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli we dünýä tejribesini öwrenmek, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly innowasion ösüşi üpjün etmek Türkmenistanyň halk hojalygy toplumynyň okgunly ösmeginiň baş şerti bolup durýar. Bu ugur şu gezekki gözden geçirilişiň hem häsiýetli tarapy bolup, onuň işine ykdysadyýetiň döwlete dahylly böleginiň düzümleriniň, bilim, medeniýet, sport, syýahatçylyk ulgamlarynyň wekilleri, ýurdumyzyň telekeçileri gatnaşdylar.

Serginiň açylyş dabarasyna Hökümet agzalary, Mejlisiň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň, ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň, halkara guramalaryň ýolbaşçylary, işewür toparlarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Myhmanlaryň hatarynda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXIV maslahatyna gatnaşyjylar hem bar.

Hormatly Prezidentimiziň foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagynda ýurdumyzda döredilen berk ykdysady binýat we durmuş ulgamynda ýetilen sepgitler Türkmenistanyň geljekki ösüşiniň hem ygtybarly girewidir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň binýadynyň has-da berkidilmegi bagtyýar halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün edýär diýip bellenilýär.

Köpugurly gözden geçiriliş giň sergi zallarynda ýaýbaňlandyryldy. Döwrebap mahabat enjamlary bilen üpjün edilen ýöritelеşdirilen bölümler pudaklaryň üstünliklerini, bäsdeşlige ukyply we isleg bildirilýän önümleriň giň görnüşlerini, hyzmatlar ulgamynda täzeliklerdir teklipleri tanyşdyrmak üçin netijeli meýdança öwrüldi.



Döredijilik toparlary foruma gatnaşyjylary we myhmanlary Garaşsyz Watanymyzy wasp edýän aýdym-sazlar bilen garşyladylar.

Sergi meýdançasynda ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, adamlaryň zähmet çekmegi we dynç almagy üçin mynasyp şertleriň döredilmegine gönükdirilen döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmeginde ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynyň goşýan goşantlarydyr mümkinçilikleri giňden şöhlelendirilýär. Bu ýerde ýokary tehnologiýaly enjamlar, häzirki zaman gurluşyk we timarlaýyş serişdeleri, kompýuter, kommunikasiýa mümkinçilikleri, azyk senagatynda ýetilen sepgitler, ekologiýa meseleleriniň çözgüdini tapmakda gazanylan üstünlikler, sport we syýahatçylyk ulgamynyň ösüşi, ýurdumyzyň ylmy, medeni kuwwatlyklary görkezilýär.



Serginiň çäklerinde milli ykdysadyýetiň pudaklarynyň üstünlikleriniň mahabat-tanyşdyrylyş çäreleri guraldy. Ýurdumyzyň ekologiýa syýasatyna, şäher gurluşygyna, şeýle hem nebitgaz toplumynyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýeten sepgitlerine we geljekki ösüş maksatnamalaryna bagyşlanan «tegelek stol» maslahatlary geçirildi. Serginiň ikinji gününde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň duşuşygy hem-de bilim, bedenterbiýe, sport ulgamlaryny has-da ösdürmegiň ugurlaryny we geljegini ara alyp maslahatlaşmaga bagyşlanan maslahatlar guraldy.

# BIR SUPRADA TAÝÝAR KYLYNSA AŞLAR



20-nji sentýabrda ýurdumyzyň baş baýramy bolan Garaşsyzlyk gününiň öňüsyrasynda paýtagtymyzyň «Mekan» köşgünde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXIV maslahaty geçirildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda geçirilen foruma daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň wekilleri we Watanymyzyň dürli künjeklerinden gelen ildeşlerimiz gatnaşdylar.

Şanly waka mynasybetli paýtagtymyzyň «Mekan» köşgüniň öňündäki meýdançada medeniýet işgärleriniň we sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy.

Gahryman Arkadagymyz foruma gatnaşyjylaryň öňünde giriş sözi bilen çykyş etdi.

DTYB-nyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow guramanyň agzalaryny mübärekläp, indi birnäçe ýyl bäri mukaddes Garaşsyzlyk baýramynyň öň ýanynda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň maslahatyny geçirmegiň asylly däbe öwrülendigini belledi. «Ynha, bu günem şol asylly däbimize eýerip, milli Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň nobatdaky XXIV maslahatyny geçirýäris. Sizi birleşigiň nobatdaky maslahatynda hoş gördük!» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri sözüni dowam etdi.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda şanly baýramçylygyň öňüsyrasynda geçirilýän şu gezekki maslahata gatnaşmak üçin Russiýa Federasiýasyndan, Eýran Yslam Respublikasyndan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Germaniýa Federatiw Respublikasyndan, Türkiýe Respublikasyndan, Saud Arabystany Patyşalygyndan, Gazagystan Respublikasyndan, Täjigistan Respublikasyndan, Owganystandan wekiller geldiler. Şeýle hem maslahata Halk Maslahatynyň agzalary, Mejlisiň deputatlary, birleşigiň Türkmenistandaky şahsy we köpçülikleýin agzalary, daşary ýurt wekilleri, ylym, bilim, medeniýet ulgamlarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri, ýurdumyzyň syýasy partiýalarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylary hem-de talyplar, döredijilik işgärleri gatnaşýarlar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXIV maslahatyny açyk diýip yglan etdi.

Dabaraly ýagdaýda Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlandy.

Soňra Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň täze maksatlaryny we wezipelerini nazara almak bilen, DTYB-nyň ýerine ýetiren işleri baradaky hasabatlary hem-de onuň işiniň esasy ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmagy özünde jemleýän forumyň gün tertibi biragyzdan tassyklanyldy.

Hormatly Prezidentimiziň maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagyny okamak üçin Gahryman Arkadagymyza söz berildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Zeminiň çar künjeginde ýaşaýan türkmenleri jebisleşdirýän hem-de adamzadyň parahatçylyk ugrundaky beýik maksatlaryna öz mynasyp goşandyny goşýan Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň alyp barýan işleri has-da kämilleşýär we rowaçlanýar. Birleşigiň daşary ýurt bölümleri bu gün doganlyk gatnaşyklarymyzy has-da giňeltmekde, ykdysady, medeni, ylym-bilim, saglygy goraýyş, telekeçilik ýaly ugurlar boýunça netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmekde, aýratyn-da, halkymyzyň baý ruhy we medeni mirasyny wagyz etmekde uly işleri amala aşyrýarlar diýlip, Gutlagda aýdylýar. Bellenilişi ýaly, geljekde-de dünýäniň dürli döwletlerinde ýaşaýan watandaşlarymyz bilen doganlyk gatnaşyklarymyzy has-da pugtalandyrmak biziň döwlet syýasatymyzyň esasy ugurlarynyň biri bolmagynda galar.

Biz dünýä döwletleri, şol sanda türkmenleriň kowçum bolup ýaşaýan ýurtlary bilen hoşniýetli gatnaşyklarymyzy, özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de yzygiderli pugtalandyrarys diýip, hormatly Prezidentimiz Gutlagynda nygtaýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow Gutlagy okap, Watanymyzyň dünýäniň dürli döwletlerinde ýaşaýan doganlarymyzy özüniň atalyk aladalary bilen gurşap alýandygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan halkara guramalar, dünýäniň köp sanly ýurtlary bilen syýasy hem-de söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklara esaslanýan giň halkara hyzmatdaşlygy yzygiderli durmuşa geçirip, bu ugurda netijeli hyzmatdaşlygyň çägini has-da giňeldýär.

Mähriban Diýarymyzda hormatly Prezidentimiziň beýik işleriniň netijesinde üstünlikli durmuşa geçirilýän maksatnamalar, gazanylýan ajaýyp üstünlikler bu gün dünýä türkmenlerini hem çäksiz buýsandyrýar we galkyndyrýar, dünýäniň dürli künjeginde ýaşaýan türkmen doganlarymyz özlerini hossarly duýýarlar, ata Watanymyzda gazanylýan taryhy ähmiýetli üstünliklere guwanýarlar diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi. Türkmen halkynyň Milli Lideri maslahata gatnaşýan daşary ýurtly doganlarymyzyň we bu ýere ýygnananlaryň adyndan iberen çuňňur manyly, hoşniýetli arzuwly Gutlagy üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyş aýtdy hem-de döwlet Baştutanymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işlerinde rowaçlyk arzuw etdi.

Maslahatyň dowamynda daşary ýurtly wekiller halkymyzyň abadan durmuşynyň we Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki abraýynyň ýokarlanmagyna gönükdirilen, üstünlikli durmuşa geçirilýän iri möçberli durmuş-ykdysady maksatnamalar, ýurdumyzda amala aşyrylýan we dünýä döwletleri bilen netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegini şertlendirýän iri halkara taslamalar bilen tanyşdyryldy.

Soňra maslahata gatnaşýan daşary ýurtly watandaşlarymyza söz berildi. Çykyş edenler pederleriň mukaddes topragyna gelip görmäge we häzirki döwürde şöhraty dünýä dolan Türkmenistanyň gazanan üstünlikleri bilen içgin tanyşmaga döredilen mümkinçilik üçin çuňňur hoşallyk sözlerini beýan etdiler. Eýrandan, Täjigistandan we Özbegistandan gelen wekiller DTYB-nyň daşary ýurtlardaky bölümleriniň işleri barada gürrüň berip, häzirki döwürde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň sebitiň döwletleri bilen ähli ugurlarda däp bolan dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny, özara bähbitli hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmäge bolan gyzyklanmalaryny äşgär edýändigini uly buýsanç bilen nygtadylar.

Çuňňur many-mazmunly çykyşlary üçin daşary ýurtly doganlarymyza minnetdarlyk bildirip, türkmen halkynyň Milli Lideri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe pederlerimiziň asylly däplerine eýerip, ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda dünýäniň çar künjeginde ýaşaýan türkmen doganlarymyz bilen gatnaşyklary berkitmek boýunça işleriň dowam etdirilýändigini kanagatlanma bilen belledi.

Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň işine işjeň gatnaşýan, şeýle hem birleşigiň maksatlaryny, wezipelerini goldaýan, onuň işine ýakyndan ýardam berýän adamlary sylaglamak we höweslendirmek maksady bilen, «Ynsanperwerligiň sarpasy» atly nyşan döredildi. Şunuň bilen baglylykda, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe DTYB-nyň işiniň kämilleşmegine goşan saldamly goşandyny, türkmen halkynyň milli medeniýetini, sungatyny, edebiýatyny, taryhyny öwrenmekde hem-de dünýäniň beýleki halklaryna ýetirmekde, dünýä türkmenleri bilen dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmakda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap ata Watanymyzyň döwlet syýasatyny, Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan üstünliklerini, dünýäde parahatçylygy, hoşniýetli dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde, wagyz etmekde bitiren hyzmatlaryny göz öňünde tutup, şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy mynasybetli, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň agzalaryny ýörite nyşan bilen sylaglamak kararyna gelendigini aýtdy.

Maslahata gatnaşyjylaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda DTYB-nyň Prezidenti birleşigiň birnäçe agzasyny «Ynsanperwerligiň sarpasy» nyşany bilen sylaglamak hem-de Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXV maslahatyny 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda çagyrmak hakynda Kararlara gol çekdi.

Soňra guramanyň has tapawutlanan agzalaryny, şol sanda daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň wekillerini «Ynsanperwerligiň sarpasy» nyşany bilen sylaglamak dabarasy boldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hormatly sylaglary gowşurmagy DTYB-nyň guraýan çärelerine işjeň gatnaşýan daşary ýurt raýatlarynyň we türkmenistanlylaryň döwlet derejesinde sarpalanýandygynyň nobatdaky beýanyna öwrüldi.

Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXIV maslahaty tamamlanandan soňra, oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

# TÜRKMENISTAN HALKARA HYZMATDAŞLYGYNDA TÄZE BAŞLANGYÇLARY ÖŇE SÜRDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Maslahatyň maksady Merkezi Aziýa ýurtlaryny we dünýä bileleşigini, halkara guramalary, maliýe we ykdysady institutlary ýakynlaşdyrmaga, bu sebiti durnukly, gapma-garşylyksyz ösdürmegi üpjün etmek işinde olaryň tagallalaryny utgaşdyrmaga gönükdirilen çemeleşmeleri we çözgütleri işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzyň birinji maslahaty 2024-nji ýylda Aşgabatda geçirmäge taýýardygy beýan edildi.

Türkmenistan BMG-niň geljek ýyllar üçin işiniň esasy ugurlarynyň arasynda howa we ekologiýa meselelerini çözmegi möhüm hasaplaýar. Şolaryň hatarynda metan boýunça ählumumy borçnamalar bilen bagly meseleleri aýratyn belleýäris diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi. Bellenilişi ýaly, biziň ýurdumyzyň howa boýunça Pariž Ylalaşygyna goşulmagy bilen, 2017-nji ýylda birnäçe degişli milli maksatnamalar kabul edildi. Metanyň howa ýaýramagynyň ýaramaz netijelerini azaltmak we ýok etmek maksady bilen, umumydöwlet çäreleri ileri tutulyp amala aşyrylýar. Gürrüň, ilkinji nobatda, ekologik taýdan arassa, serişde tygşytlaýjy häzirki zaman tehnologiýalary, aýratyn-da, energetika, senagat we ulag pudaklarynda ornaşdyrmaga tapgyrlaýyn geçmek hem-de peýdalanmak hakynda barýar.

Şol bir wagtda, biz dünýä bileleşiginiň Ählumumy metan borçnamasyny amala aşyrmak boýunça tagallalaryny goldaýarys diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady. Şunda türkmen tarapynyň bu işde BMG-niň ýörileşdirilen düzümleri, agza ýurtlar, beýleki gyzyklanýan hyzmatdaşlar tarapyndan anyk kooperasiýa we salgyly ýardama bil baglaýandygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, ýaňy-ýakynda ýurdumyzda Türkmenistanyň Ählumumy metan borçnamasyna goşulmagy baradaky meseläni öwrenmäge gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek babatdaky «Ýol kartasy» tassyklanyldy. Bu resminama ýakyn wagtda guramanyň Sekretariatyna iberiler.

Umuman, BMG-de Merkezi Aziýadaky ekologik meselelere has düýpli we täsirli üns bermek üçin wagt ýetdi diýip hasaplaýaryn. Bu meselelere seredilende, belli bir hereketsizligi ýeňip geçmeli we örän uly giňişlikleri eýeleýän, özboluşly tebigy serişdeleri hem-de biologik köpdürlüligi bolan, şol bir wagtda düýpli ekologik töwekgelçilikleriň zolagynda ýerleşýän 80 milliona golaý ilatly sebit babatda BMG-niň maksatly ekologik strategiýasyny taýýarlamak boýunça belli bir salgyly we anyk çärelere başlamaly diýip pikir edýärin diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Merkezi Aziýanyň ekologik meselelerine strategik çemeleşme kabul edilende, Türkmenistan möhüm ädim hökmünde ýöriteleşdirilen düzümi — Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek baradaky teklip



bilen çykyş edýär. Bu merkez howa meselesi boýunça anyk we ulgamlaýyn işleri alyp barar. Şunuň bilen baglylykda, merkeziň işlemegi üçin Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda guramaçylyk we tehniki şertleri döretmäge ýurdumyzyň taýýardygy beýan edildi.

Merkezi Aziýa Hazar deňzine galtaşýan sebitdir. Özboluşly tebigy toplum bolan bu deňziň Ýer togalagynyň ekologiýasy babatda nähili ähmiýetiniň bardygy hemmelere mälimdir diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi. Kenarýaka ýurtlar tarapyndan köpýyllyk tutanýerlilik we hormat goýmak arkaly alnyp barlan hyzmatdaşlygyň netijesinde, Hazar syýasatynyň umumy esasy düzgünleri işlenip taýýarlandy. Şol sanda esasy resminama — Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýa kabul edildi. Türkmenistanda geçen ýylyň tomsunda geçirilen altynjy Hazar sammitine ähli gatnaşyjylaryň ekologik mesele boýunça ysnyşykly hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygy tassyklanyldy. Bu bolsa kenarýaka döwletleriň BMG bilen giňden we ulgamlaýyn hyzmatdaşlyk etmäge başlamagy üçin gowy mümkinçilik açýar diýip hasap edýärin diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Şunuň bilen baglylykda, «Hazar ekologik başlangyjyny» döretmek barada teklip girizildi. Ol Hazar deňziniň gurşawyny we biologik serişdelerini gorap saklamak, emele gelen ekologik meseleleri çözmek bilen bagly wezipeleriň giň toplumy boýunça jikme-jik we ýokary derejede hyzmatdaşlyk etmek üçin halkara platforma bolmaga niýetlenendir. Biz bu başlangyç Birleşen Milletler Guramasy, onuň agentlikleri, edaralary we institutlary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda amala aşyrylmalydyr diýip hasap edýäris diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

BMG-niň jogapkärçilikli agza döwleti hökmünde Türkmenistan ileri tutýan ugurlaryny belläp, öz çemeleşmelerini we hereketlerini anyk beýan edýär hem-de



durmuşa geçirýär. Bu ugurlar boýunça ýurdumyzyň goşandy netijeli bolar we umumydünýä maksatlarynyň bähbidine hyzmat eder, olaryň çalt gazanylmagyna ýardam berer.

Ileri tutulýan şol meseleleriň arasynda ulag babatda Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmagy aýratyn belleýäris.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan şu möhüm ugur boýunça dialog üçin netijeli halkara platformany döretmegiň başyny başlaýjy boldy. Aşgabatda 2016-njy ýylda üstünlikli geçirilen durnukly ulag boýunça BMG-niň birinji ählumumy maslahatyny, şeýle hem geçen ýylyň tomsunda BMG bilen hyzmatdaşlykda Türkmenistanda guralan deňze çykalgasy bolmadyk ösýän ýurtlaryň ulag ministrleriniň duşuşygyny ýatlap geçeliň diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi.

Biz Türkmenistanyň maksada gönükdirilen işiniň netijesinde, diňe soňky ýyllarda ulag babatda öňe süren başlangyçlarymyz boýunça Baş Assambleýanyň alty Kararnamany kabul edendigine buýsanýarys diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady. Şolaryň soňkularynyň hatarynda şu ýylyň maý aýynda kabul edilen «Bütindünýä durnukly ulag güni» atly Kararnamany görkezmek bolar diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi we bu resminamany biragyzdan goldandyklary üçin ähli agza döwletlere minnetdarlyk bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, şol Kararnamanyň düzgünlerine esaslanyp, Türkmenistan bu mejlisiň çäklerinde «Bütindünýä durnukly ulag güni» mynasybetli ýokary derejeli maslahaty çagyrmagy teklip edýär. BMG-niň degişli düzümleriniň bu çäräni Nýu-Ýorkda guramakda ýardam berjekdigine umyt edýäris diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Azyk meselesini çözmekde BMG-ä doly ýardam bermek Türkmenistanyň Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek boýunça işiniň örän möhüm ugrudyr. COVID-19 pandemiýasy beýleki amatsyz şertler bilen bir hatarda, hut azyk meselesiniň çözülmedik meseledigini, ilaty doly bahaly iýmit almaýan döwletleriň gowşaklygyny ýüze çykardy. Şoňa görä-de, döwletleriň we sebitleriň azyk serişdelerine elýeterli bolmagy bilen bagly meselelere seredilende, agzybirlik, tutanýerlilik, aýgytlylyk zerurdyr. Islendik adamyň aýrylmaz hukugy, ozaly bilen, çagalaryň sagdyn we kadaly ösüşiniň esasy şerti hökmünde doly bahaly iýmite kepillendirmeler möhümdir diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Bu işde syýasat, ideologiýa we ýagdaý bilen bagly päsgelçilikleri ýeňip geçýän aýgytly çözgütler, täze çemeleşmeler zerurdyr. Şundan ugur alyp, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda, Bütindünýä azyk maksatnamasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, BMG-niň Çagalar gaznasy bilen hyzmatdaşlykda azyk howpsuzlygy boýunça uly halkara forumy çagyrmak başlangyjy bilen çykyş edýär diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady we bu çäräni ylalaşylan möhletlerde türkmen paýtagtynda geçirmek üçin şertleri döretmäge taýýardygyny tassyklady.

Geljek ýyl Türkmenistanda we onuň çäklerinden daşarda, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynda türkmen halkynyň görnükli ogly, akyldar şahyr, filosof Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy giňden belleniler. Ähli medeniýetli adamzat diňe bir dünýä edebiýatyna däl-de, eýsem, tutuş Gündogaryň, bütin dünýäniň medeni ösüşine örän uly goşant goşan beýik ynsanperwer şahyry ýatlaýar we oňa hormat goýýar. Men öz çykyşymy Magtymgulynyň «Adamzat» atly goşgusynyň şu sözleri bilen tamamlamak isleýärin. Bu goşguda şahyr döwürdeşlerine we geljek nesillere örän täsirli şeýle setirler bilen ýüzlenýär diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

**Ýatsa-tursa hyýalyndan çykarmaz,**
**Kaýsy işe maýyl bolsa adamzat.**

Çykyşynyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz: «Goý, döredijilikli oý-pikirlere, parahatçylyk, adalatlylyk, ösüş ideallaryna wepalylyk biziň bilelikdäki işimizde esasy we aýdyň ýörelge bolup hyzmat etsin!» diýip arzuw etdi.

## UZAKMÖHLETLEÝIN ÝÖRELGELERE ESASLANÝAN KÖPUGURLY GATNAŞYKLAR



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Duşenbe duşuşygynyň çäginde Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, sebitiň ýurtlarynyň syýasy, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda özara bähbitli hyzmatdaşlygyny çuňlaşdyrmaga, ýurtlaryň bilelikdäki bähbitlerini, başlangyçlaryny halkara giňişlikde ilerletmäge goşan ägirt uly goşandy üçin türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Hormat nyşany bilen sylaglanylmagy ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlyga goşýan goşandynyň ykrarnamasy boldy.**



**Ýakynda hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň işine gatnaşmak bilen, Türkmenistan döwletimiziň dünýäde parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegine, BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetilmegine, şol sanda energetika, ulag, ekologiýa, howanyň üýtgemegi, ynsanperwer ugur ýaly möhüm ulgamlarda halkara hyzmatdaşlygyň berkidilmegine gönükdirilen täze başlangyçlaryny öňe sürdi.**

**Şeýle hem saparyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz «Merkezi Aziýa — Amerikanyň Birleşen Ştatlary» (C5+1) görnüşindäki sammite gatnaşdy. Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz ikitaraplaýyn duşuşyklaryň birnäçesini, şol sanda BMG-niň Baş sekretary bilen duşuşyk geçirdi. Türkmenistan bilen Milletler Bileleşiginiň arasynda özara düşünişmek we işjeň häsiýete eýe bolan gatnaşyklar ösdürilýär. Döwlet Baştutanymyzyň BMG-niň ştab-kwartirasy ýerleşýän Nýu-Ýork şäherine bu gezekki iş sapary Watanymyzyň deňhukukly, özara hormat goýmak we uzakmöhletleýin ýörelgelere esaslanýan köpugurly gatnaşyklary yzygiderli berkitmäge we ilerletmäge bolan gyzyklanmalarynyň aýdyň beýanydyr.**

**Bitarap Türkmenistan parahatçylyk söýüjilikli we döredijilikli mümkinçiliklerini tutuş adamzadyň bähbidine gönükdirmäge taýýardygyny iş ýüzünde subut edýär. Ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň belent münberinden yzygiderli öňe sürýän teklipleri munuň aýdyň subutnamasydyr. BMG-niň Baş Assambleýasynyň bu babatda birnäçe Kararnamalary kabul etmegi öňe sürülýän başlangyçlaryň tutuş adamzat üçin ähmiýetlidigini hem-de möhümdigini tassyklaýar.**

**Zulfiýa RAHIMOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Kliniki farmakologiýa okuwly gospital terapiýa kafedrasynyň assistenti.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 22-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112460

Belgisi: 38/1552
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

## Fon der Lýaýen ikinji möhlete galyp biler

«Bloomberg» agentligi tarapyndan Ýewropa diplomatlaryna salgylanyp, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýeniň 2024-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginde ýokary ýolbaşçy wezipelerine saýlawlar gutarandan soň ikinji möhlete galyp biljekdigi bellenilýär.



«Ýewropa Bileleşiginiň liderleri Ýewropa Bileleşiginde geçiriljek saýlawlardan soň iň esasy iş ýerlerini kesgitlänsoň, fon der Lýaýen häkimiýet başynda galyp biler. Ýöne ikinji möhlet onuň Ýewropa Bileleşigine ýolbaşçylyk eden ilkinji ýyllary bilen deňeşdirilende, düýpgöter tapawutly bolar» diýip, agentlik ýewropaly diplomatlaryň sözlerine salgylandy.

Resmi ýolbaşçylaryň we diplomatlaryň pikiriçe, fon der Lýaýen «iň kyn döwürlerinde Ýewropa Bileleşigini saklamagy başardy». Şol bir wagtyň özünde-de, ygtyýarlyklaryny ep-esli giňeltdi.

Ursula fon der Lýaýen 2019-njy ýyldan bäri Ýewropa Komissiýasynyň başlygy bolup işleýär we bu wezipäni eýelän ilkinji zenandyr.

## Parlament täze hökümete ses berdi

15-nji sentýabrda Latwiýanyň kanun çykaryjylary üç koalisiýa hyzmatdaşy – «Täze Agzybirlik» partiýasy, «Ýaşyllar we daýhanlar bileleşigi» we «Ösüş» partiýasy tarapyndan döredilen täze hökümeti makullap ses berdiler. Üç koalisiýa partiýasy 100 orunlyk parlamentde sähelçe köplüge eýe.



«Täze Agzybirlik» partiýasy ýedi ministr wezipesine we öňki durmuş üpjünçiligi ministri Ewika Silinýanyň eýeleýän Premýer-ministr wezipesine eýe boldy.

Latwiýanyň öňki Premýer-ministri Krişýanis Karinş, ýurduň Prezidenti wezipesine saýlanan Edgar Rinkewiçiň ornuna daşary işler ministri wezipesine bellendi.

«Ýaşyllar we daýhanlar birleşigi» birnäçe ýyldan soň, hökümet koalisiýasyna goşuldy we dört ministr portfeline eýe boldy. «Ösüş» partiýasy üç ministrlige ýolbaşçylyk eder.

## YLMY MERKEZ AÇYLDY

Singapurda Kenarlary goramak we sil joşmalaryna durnuklylyk instituty (CFI Singapore) açyldy. Ylmy merkez howanyň üýtgemegi bilen baglylykda deňziň suwunyň derejesiniň artmagyndan goranmak boýunça uzak möhletleýin çözgütleri gözlemek bilen meşgullanar.



Alymlar üstümizdäki asyryň ahyryna çenli deňziň derejesiniň ortaça bir metr ýokarlanjakdygyny çaklaýarlar, emma güýçli ygallar, suw joşmalary we deňiz harasatlary bilen baglylykda, howp has ýokary bolup biler.

Singapuryň çäginiň üçden bir bölegi deňiz derejesinden bäş metrden pes bolmadyk belentlikde ýerleşýär, ygalyň ýyllyk möçberi ortaça 2,5 müň millimetre deňdir, bu bolsa ada şäher-döwletinden sil joşmalaryna garşy göreşde has çynlakaý taýýarlygy talap edýär.

Ýurt ozal zeý suwlaryny gowulandyrmak we suw joşmalaryna garşy ulgam gurmak üçin köp maýa goýdy. «CFI Singapore» ylmy merkeziniň hünärmenleri özleriniň esasy wezipesi hökmünde ýer ýetmezçiligini başdan geçirýän ýurduň ummanyň gury ýere süýşmegi netijesinde öz çäklerini ýitirmezligini gazanmakdygyny aýdýarlar. Ylmy-barlag merkezi, çeýe bentleri, şeýle hem kenar ýakalaryny goramak üçin mangrow we deňiz otlaryny ekip, tebigata esaslanýan çözgütleri öz içine alýan täze inženerçilik mümkinçiliklerini öwrenýän barlag taslamalaryny ýola goýdy.

## Nýu-Ýorkda ýokary derejeli hepdelik geçirilýär

19-njy sentýabrda BMG-niň Nýu-Ýorkdaky baş edarasynda Baş Assambleýanyň 78-nji mejlisiniň ýokary derejeli hepdeligi öz işine başlady. 26-njy sentýabra çenli dowam etjek hepdelige Prezidentler, Premýer-ministrler we ministrler – BMG-niň agzalary bolan 193 ýurduň ýokary derejeli ýolbaşçylary we wekiliýetleri gatnaşýarlar.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasy 6-njy sentýabrda açyldy. 19-njy sentýabrda açylan hepdeligiň dowamynda tematiki we umumy maslahatlaryň tapgyry guralyp, onda her bir agza döwlet halkara ähmiýetli meseleler boýunça öz garaýyşlaryny beýan edýärler. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisiniň başlygy Trinidad we Tobagodan Dennis Frensis her ýylky umumy maslahaty açdy. Maslahatyň barşynda dünýä liderleri Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ösüşi nädip tizleşdirmelidigi baradaky başlangyçlaryny öňe sürdüler. «Ynamy we global raýdaşlygy dikeltmek» maslahatyň umumy mowzugy boldy. Maslahatda wekiliýetler parahatçylyga, howpsuzlyga we durnukly ösüşe päsgel berýän köp sanly global kynçylyklary çözmekde öz garaýyşlaryny beýan edýärler.

Durnukly ösüş maksatlaryna bagyşlanan maslahat öňde goýlan maksatlara ýetmekde täze eýýamyň başlangyjynyň ähmiýetine gönükdirildi. Maslahatda 2030-njy ýyla çenli Gün tertibiniň käbir çynlakaý meseleler bilen ýüzbe-ýüz durandygy bellenip, ösüşiň gidişiniň howa meselesiniň, dawa-jenjelleriň, ykdysady çökgünligiň we COVID-19 pandemiýasynyň netijeleri bilen has-da pese gaçýandygy ýatlanyp geçildi.

Bu maslahatda tagallalary birikdirip, bitewiligi ýüze çykarmaga mümkinçilik dörändigi bellenildi. Şeýle hem sammitiň barşynda bu işleriň iň ýokary derejede syýasy goldawa eýe bolmagyny üpjün etmek, üstünlikleriň ugurlaryny kesgitlemek, ýüze çykýan kynçylyklary ýeňip geçmek we 2030-njy ýyla çenli maksada ýetmek üçin has köp çäreleri jemlemek göz öňünde tutuldy.

Şeýle-de, dünýä liderleri howa sammitinde sözden işe geçmäge tagalla etdiler. Barha çuňlaşýan klimat çökgünligine garşy göreşde syýasy ädim ädilen bu çärede, üstünlik gazanmak üçin uly meýilnamalar, olara ynam we amala aşyrmak ýaly esasy ugurlar kesgitlenildi. Howany hapalaýan gazylyp alynýan ýangyç serişdelerinden uzaklaşyp, «ýaşyl», arassa energiýa geçmek maslahatyň esasy meseleleriniň biri boldy.



Mundan başga-da, dünýä liderleri adamlaryň we planetanyň sagdynlygyny gowulandyrmak, şol sanda adamzadyň geljekki pandemiýalara taýýarlygyny ýokarlandyrmak boýunça çäreleri ara alyp maslahatlaşdylar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň we Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň tematiki maslahaty 20-nji sentýabrda, ählumumy saglygy goramak boýunça ýokary derejeli maslahat bolsa 21-nji sentýabrda geçirildi. Gatnaşýanlar COVID-19 pandemiýasyndan alnan sapaklary we 2030-njy ýyla çenli ählumumy saglygy goraýyş ulgamyna elýeterliligi gazanmak ugrundaky ösüşi çaltlaşdyrmak üçin subutnamalara esaslanýan maslahatlary geçirdiler.

BMG-niň Baş Assambleýasy 22-nji sentýabrda inçekesele garşy göreş boýunça ikinji ýokary derejeli maslahatyny geçirer. Onuň barşynda dünýädäki inçekesel epidemiýasyny haýal etmän ýok etmek, hususan-da öňüni alyş, synag, bejeriş we gözegçilik hyzmatlaryna deň hukukly elýeterliligi üpjün etmek ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşylar.

21-nji sentýabrda geçirilen ministrler derejesindäki maslahatda wekiliýetiň agzalary 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda meýilleşdirilýän geljekki sammitiň esasyny goýdular. Ministrler global töwekgelçiliklere we kynçylyklara garşy durmaga kömek edýän köptaraplaýyn gatnaşyklar ulgamynyň pugtalandyrmagyň geljegini ara alyp maslahatlaşdylar. Maslahatda agza döwletler tarapyndan ählumumy hereketlere gönükdirilen «geljek üçin şertnama» boýunça ylalaşyk gazanyldy.

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde

► **Şaýy pul döredildi.** Beýik Britaniýada Şazenan Ýelizaweta II hormatyna 7 müň brilliant bilen bezelen uly şaýy pul döredildi. Şaýylygyň öň tarapynda Şazenanynyň 6 portreti, arka tarapynda bolsa, soňky keşbi çekildi. Ýelizawetanyň aradan çykmagynyň bir ýyllygynyň hatyrasyna çykarylan şaýy puluň bahasy 23 million dollardyr.



► **Diananyň jemperi satyldy.** Şazada Diananyň meşhur gyzyl we ak jemperi Nýu-Ýorkdaky «Sotheby's» auksionynda 1 million 143 müň dollara satyldy. Lotuň başlangyç bahasy 80 müň dollardy. Auksionda 44 töweregi teklip gelip gowuşdy we 15 minutda baha rekord derejä çykyp, jemper iň ýokary nyrhdan satyldy.



► **Ýiten kartina tapyldy.** Belli niderland suratkeşi Wan Goguň 1884-nji ýylda çeken «Bahar bagy» atly kartinasy 2020-nji ýylyň mart aýynda Niderlandlaryň Laren şäherindäki Zinger muzeýinden ýitirim bolupdy. Taryhçy we sungaty öwreniji Artur Brand tarapyndan geçirilen uzak gözleglerden soň kartina tapylyp, muzeýe gaýtaryldy.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ 1960-njy ýylyň 22-nji sentýabrynda Mali Respublikasy özüni garaşsyz döwlet diýip yglan etdi. Respublikanyň yglan edilmegi bilen bir wagtyň özünde Konstitusiýa kabul edildi. Modibo Keýta döwlet we hökümet Baştutany boldy. Häzirki wagtda Günbatar Afrikanyň bu ýurdy 22 milliondan gowrak ilaty bolan musulman döwletidir.




**OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!** ✓ Maglumatlara görä, dünýäde her aýda 56 müň elektron kitap neşir edilip, onlaýn kitaphanada edebi eserler öňdäki orny eýeleýär.

# BÜTINDÜNÝÄ ELEKTRON KITAPLAR GÜNI

**Her ýylyň 18-nji sentýabrynda Bütindünýä elektron kitaplar güni bellenilýär. Bu senäniň bellenip geçilmeginiň esasy maksady okamagyň elýeterliligini we elektron kitaplarda hödürlenýän ýeňilligi açyp görkezmekden ybaratdyr. Elektron kitap baradaky pikiriň 1930-njy ýyllarda orta atylandygyna garamazdan, 41 ýyldan soňra ilkinji elektron kitaplar peýda bolýar. Eýsem, elektron kitap näme?!**

Elektron kitap sanly formatda hödürlenýän, okyjylaryň elektron enjamlarda – kompýuterde, noutbukda, öýjükli telefonlarda, planşetlerde okamagyna mümkinçilik berýän ulgamdyr. Soňky ýyllarda elektron kitaplaryň meşhurlygynyň artmagy bilen köp sanly nusgawy ýazyjy-şahyrlaryň kitaplary, iň köp satyn alynýan kitaplar elektron görnüşe geçirildi. Hatda daşary ýurt ýazyjylarynyň köpüsi indi kitaplaryny kagyz görnüşinde däl-de, elektron görnüşde «çap etmegi» makul bilýärler.










### ELEKTRON KITABYŇ DÖREÝŞI

Elektron kitap baradaky ilkinji pikir 1930-njy ýylda Rob Braunyň filme tomaşa edip oturan wagty kellesine gelýär. Ol pikirini köpçülik bilen paýlaşyp, geljekde birnäçe tomly, küti kitaplaryň nusgasyny elektron enjamlara ornaşdyrmak arkaly amatly usulda okamagyň mümkin boljakdygy baradaky düşünjäni orta atýar. 1949-njy ýylda ispan mugallymy Angela Ruiz Robles ilkinji awtomatik kitap okaýjy «Enciclopedia Mecánica»-ny oýlap tapýar. Roblesiň awtomatik kitap okaýjy baradaky pikiri çagalaryň her gün mekdebe göterip gitmeli kitaplarynyň agramyny azaltmak maksady bilen döräpdir. Şeýle-de bolsa, bu enjam köpçülikleýin ulanyşa girmeýär. Roblesiň oýlap tapyşyndan 22, şeýle hem Rob Braunyň pikirinden 41 ýyldan soňra, elektron kitaplaryň döremeginde şowlulyk gazanylýar. 1970-nji ýyllaryň başynda, esasan, ylym-bilim edaralarynyň arasynda edebiýatlary göçürip almaga mümkinçilik berýän, internetiň başlangyjy hasaplanýan ARPANET ulgamy döredilýär. Şeýlelikde, bu ösüşler «Gutenberg» atly taslamanyň döredilmegine sebäp bolýar. Meýletinlik esasynda hereket edýän bu taslama medeni işleriň we elektron kitaplaryň sanly ulgamdaky arhiwini döretmek üçin taýýarlanýar. 1990-njy ýyllaryň başynda internete ilkinji elektron kitaplaryň ornaşdyrylmagy bilen kitaplaryň elektron nusgalary standartlaşdyrylýar hemde onlaýn kitap dükanlary döredilýär. Bu elektron kitaplaryň taryhyndaky iň uly üstünlikleriň biri bolup, 2014-nji ýylda her ýylyň 18-nji sentýabrynda elektron kitaplaryň bütindünýä gününi bellemek karara gelinýär.

Elektron kitaplar okyjylaryň işini birnäçe esse ýeňilleşdirýär. Şeýlelikde, kitaby ýanyň bilen götermek zerurlygy aradan aýrylýar. Isleg bildirýän kitabyňyzy jemgyýetçilik torundan eseriň ýa-da awtorynyň adyny gözletmek arkaly gysga wagtda tapyp bolýar. Kitabyň elektron nusgasyny öýjükli telefona ýüklemek bilen ýolda, dynç alyşda ýa-da işde okap bolýar. Berilýän maglumatlara görä, dünýäde her aýda 56 müň elektron kitap neşir edilip, onlaýn kitaphanada edebi eserler öňdäki orny eýeleýär. Elektron kitaplar ýaşlaryň arasynda has ýörgünli we ygtybarly hasaplanýar. Ilkibaşda adaty usulda çap edilen kitaplaryň elektron nusgalary döredilen bolsa, häzirki wagtda diňe elektron görnüşde ýaýradylýan kitaplar hem çykýar.

## Derde derman datly miwe



Miweli agajyň bir görnüşi bolan şetdaly, esasan, yssy sebitlerde ösýär. Şetdalynyň ata Watany Hytaý hasaplanýar. Hytaýdan tutuş Aziýa sebitine ýaýramagy bilen bu miwe köpçülikleýin tanalyp başlanýar. Şeýlelikde, şetdaly Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen ilki Ortaýer deňziniň kenarlaryna, soňra Ýewropa döwletlerine we ABŞ-a baryp ýetýär. Şetdaly ösdürilip ýetişdirilişine aýratyn üns berilýän miweli agaçlaryň biri bolup, bu ugurda Hytaý, Italiýa, Ispaniýa we ABŞ esasy öndürijiler hasaplanýar.

Bägül güllüler maşgalasyna degişli bolan bu agajyň boýy ortaça 6,5 metre ýetýär. Onuň uzyndan uçly, ýalpyldawuk ýapraklary bolýar. Owadan gülgüne gülleri bilen tanalýan şetdaly mör-möjekleri özüne çekmek üçin baldagyndan şire bölüp çykarýar. Bu agajyň miwesi tomus we güýz aýlarynda ýetişýär. Ýeke şänikli miwesiniň daşy tüýli we tüýsüz bolup, ak, sary we gyzyl şetdaly ýaly görnüşlere bölünýär. Soňky ýyllarda bu miwäniň müňlerçe sorty işlenip düzüldi. Şetdaly etli we suwly miwe bolup, birnäçe witamini özünde saklaýar. Şetdaly adam saglygyna peýdalydygy bilen gadym döwürlerden bäri meşhurdyr.

**Immuniteti güýçlendirýär.** Şetdaly immuniteti berkitmäge ýardam edýän antioksidantlary özünde jemleýär. Düzümindäki C we E witamini bedeniň goraglylygyny güýçlendirip, kesellere garşy göreşmäge goşant goşýar.

**Iýmit siňdirişi aňsatlaşdyrýar.** Şetdalynyň düzümindäki A, B3, C witaminleri, foliý turşusy, beta-karotin we kaliý iýmit siňdirişi aňsatlaşdyrýar. Doýgun ýag bolmandygy sebäpli bu miwe aşgazanda gyjynma döretmeýär. Şetdaly içgeçmäni bejermekde peýdaly bolup, iýmit siňdiriş bozulmalarynyň öňüni alýar.

**Ýüregi goraýar.** Ýürek saglygyny goramagyň iň möhüm şertleriniň biri süýüme baý önümleri iýmekdir. Şetdalyda ýeterlik derejede süýüm saklanyp, ýokary gan basyşyna we holesteriniň derejesine oňyn täsir edýär.

**Derini gözelleşdirýär.** C witamine baý bu miwe derini ýokançlyklardan we zyýanly şöhlelerden goraýar. Menekleri we deridäki yzlary aýyrmaga ýardam edýär.

**Görşi güýçlendirýär.** Şetdalyda saklanýan A witamini süňkler we dişler üçin peýdaly bolmak bilen bir hatarda, gijeki görşi hem gowulandyrýar. Bu miwe yzygiderli iýlende görüş bilen bagly kynçylyklary aradan aýryp bolýar.

**Içegeleri işjeňleşdirýär.** Bilermenleriň bellemeklerine görä, şetdaly süýüme baýdygy sebäpli içegeleri herekete getirýär. Şeýle hem gandaky şekeriň derejesini deňagramly saklamak bilen çalt ajykmagyň öňüni alýar.

**Ganazlygyň öňüni almaga kömek edýär.** Ganazlyk bedendäki gyzyl gan öýjükleriniň öndürilişiniň azalandygyny görkezýän alamat bolup, demir ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Şetdaly ganazlygyň öňüni almakda peýdaly bolup, bedende demriň siňmegini ýokarlandyrýar.

## Nýu-Ýorkuň «Ada seýilgähi»



Kiçijik ada ýaly döredilen bu seýilgäh Nýu-Ýorkuň ýaşaýjylaryna we dünýäniň çar künjünden gelýän syýahatçylara ajaýyp gözelligi hödürleýär. Nýu-Ýorkda dünýäniň iň meşhur seýilgähleriniň biri bolan Merkezi seýilgähiň ýerleşýändigine garamazdan, 2021-nji ýylda açylan «Little Island» hem köpçüligi özüne çekýär. Şäheriň merkezinden akyp geçýän Hudson derýasynda gurlan bu seýilgäh 132 sany çigildem şekilli beton sütüniň üstünde ýerleşýär. Öň «Pýer 55» ady bilen tanalan bu seýilgäh häzirki wagtda «Kiçijik ada» diýlip atlandyrylýar. Seýilgähde amfiteatr, iki sany sahna meýdançasy we naharhana bar. Seýilgähdäki gyzykly wakalar iýun aýynda 687 orunlyk amfiteatrda başlanýar. Sentýabr aýynda bolsa bilim bilen bagly 500 töweregi çäre guralýar.

Seýilgähiň taslamasyny işläp düzen «Heatherwick» studiýasy kiçijik adany mümkin boldugyça ýaşyl meýdança öwürmegi maksat edinipdir. Seýilgähde agaçlaryň, gülleriň we gyrymsy agaçlaryň 350 görnüşi bar. Seýilgäh her pasylda dürli görnüşe eýe bolýar. Bu ýerdäki agaçlar güýz paslynyň gelmegi bilen gyzyl, altynsow reňke öwrülýär.

Futbol meýdançasyndan uly bolmadyk «Little Island» bezegi we ýerleşiş özboluşlylygy bilen myhmanlarda uly täsir galdyrýar. Şeýle hem syýahatçylarda ekologiýa abadançylygy babatda oňaýly pikirleriň döremegine ylham berýär.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!




## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*22-nji sentýabr:*
Monako – Nissa (00:00)
*23-nji sentýabr:*
Milan – Werona (18:00)
Bawariýa – Bohum (18:30)
**Borussiýa D – Leipsig (18:30)**
Man. Siti – Nottingam F. (19:00)
Sassuolo – Ýuwentus (21:00)
Spartak – Dinamo (21:00)
Barselona – Selta (21:30)
Börnli – M. Ýunaýted (00:00)
*24-nji sentýabr:*
Empoli – Inter (15:30)
**Aýaks – Feýenoord (17:30)**
**Çelsi – Aston Willa (18:00)**
**Liwerpul – West Ham (18:00)**
**Arsenal – Tottenham (18:00)**
Baýer – Haýdenhaým (18:30)
Bolonýa – Napoli (21:00)
**PSŽ – Marsel (23:45)**
Torino – Roma (23:45)
**Atletiko – Real Madrid (00:00)**

# «Ahal» AFK Çempionlar Ligasyna ýeňiş bilen başlady

**Aziýanyň klublar boýunça iň uly ýaryşy bolan AFK Çempionlar Ligasynda ýurdumyzyň adyndan wekilçilik edýän soňky çempion «Ahal» topary ilkinji duşuşygynda ýeňiş gazandy.**

«Ahal» topary «A» toparçada «Aşgabat» köpugurly stadionda 20 müňe golaý janköýeriň şaýatlygynda Saud Arabystanynyň Kubogynyň eýesi «Al-Feýha» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Ahal» topary 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji ýarymy golsuz tamamlanan duşuşykda «Ahal» toparyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 51-nji minutda uzak aralykdan owadan urgy bilen Elman Tagaýew geçirdi. Duşuşygyň galan minutlarynda-da hasap üýtgemedi. Netijede, 1–0 hasabynda üstün çykan «Ahal» topary AFK Çempionlar Ligasyndaky 2-nji ýeňşini gazandy. «Ahal» topary geçen möwsümde Kataryň «Al-Garafa» toparyny 4–2 hasabynda ýeňipdi.

Toparçadaky beýleki duşuşykda-da Özbegistanyň «Pahtakor» topary öz meýdançasynda BAE-niň «Al-Ain» toparyndan 3–0 hasabynda asgyn geldi. Abu-dabililere ýeňiş getiren gollary Laba bilen Al-Baloçi derweză girizdi.

Toparçada 1-nji oýunlardan soň «Al-Ain» 1-nji, «Ahal» 2-nji orunda barýar. Toparçadaky 2-nji duşuşyklar 3-nji oktýabrda oýnalar. Şonda «Ahal» myhmançylykda «Al-Ain» bilen duşuşar, «Al-Feýha» bolsa öz meýdançasynda «Pahtakory» kabul eder.

AFK Çempionlar Ligasyndaky beýleki toparçalardaky käbir oýunlara-da seretsek, «C» toparçada «Al-Ittihad» özbekleriň AGMK toparyny 3–0 hasabynda ýeňdi. «D» toparçada Neýmaryň hem esasy düzümde çykyş eden oýnunda «Al Hilal» öz meýdançasynda Özbegistanyň «Nawbahor» topary bilen 1–1 deňme-deň oýnady. Özbek kluby 52-nji minutda Tabatadzeniň goly bilen hasaby açdy. Ýer eýeleri eminiň goşan 14 minutynyň 10-njy minutynda, ýagny 90+10-njy minutda Al-Bulaihiniň goly esasynda hasaby deňläp, ýeňlişden halas boldy. «E» toparçada Kristiano Ronaldonyň çykyş edýän «Al Nassr» topary myhmançylykda Eýranyň «Persepolis» klubundan 2–0 hasabynda üstün çykdy. Arap klubuna ýeňiş getiren gollary Esmaeilfar (62 ö.d.) hem-de Kassem (72) geçirdi.





*AFK Çempionlar Ligasynda 2023/24 möwsüminiň toparçalardaky 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:*

◆ **«A»:** «Ahal» (Türkmenistan)—«Al-Feýha» (S. Arabystany): 1–0, «Pahtakor» (Özbegistan)—«Al-Ain» (BAE): 0–3

◆ **«B»:** «Al-Faýsaly» (Iordaniýa)—«Nasaf» (Özbegistan): 0–1, «Al-Sadd» (Katar)—«Şarjah» (BAE): 0–0

◆ **«C»:** «Al-Ittihad» (S. Arabystany)—AGMK (Özbegistan): 3–0, «Al-Kuwa Al-Jawiýa» (Yrak)—«Sepehan» (Eýran): 2–2

◆ **«D»:** «Al-Hilal» (S. Arabystany)—«Nawbahor» (Özbegistan): 1–1, «Mumbaý Siti» (Hindistan)—«Nassaji Mazandaran» (Eýran): 0–2

◆ **«E»:** «Istiklol» (Täjigistan)—«Al-Duhail» (Katar): 0–0, «Persepolis» (Eýran)—«Al Nassr» (S. Arabystany): 0–2

◆ **«F»:** «Çenbuk H. Motors» (G. Koreýa)—«Kitçi» (Gonkong): 2–1, «Lion Siti Seýlors» (Singapur)—«Bangkok Ýunaýted» (Tailand): 1–2

◆ **«G»:** «Ýokohama F. Marinos» (Ýaponiýa)—«Inçhon Ýunaýted» (G. Koreýa): 2–4, «Kaýa-Iloilo» (Filippinler)—«Şandon Taişan» (Hytaý): 1–3

◆ **«H»:** «Buriram Ýunaýted» (Tailand)—«Çžeszýan» (Hytaý): 4–1, «Melburn Siti» (Awstraliýa) – «Wenforet Kofu» (Ýaponiýa): 0–0

◆ **«I»:** Ulsan Hýundai» (G. Koreýa)—«BG Pathum Ýunaýted» (Tailand): 3–1, «Johor Darul Ta'zim» (Malaýziýa)—«Kawasaki Frontl» (Ýaponiýa): 0–1

◆ **«J»:** «Uhan Tri Towns» (Hytaý)—«Urawa Red Daýmonds» (Ýaponiýa): 2–2, «Hanoi FK» (Wýetnam)—«Phohan Stilers» (G. Koreýa): 2–4

## 10 ýaryşdan soň ÝEŇIJI ÜÝTGEDI

**Formula 1 boýunça möwsümiň 16-njy «Gran Prisi» Singapurda geçirildi. Marina Baý aýlagynyň köçelerinde geçirilen ýaryşda ilkinji hatardan bat alan «Ferrari» toparynyň ispan piloty Karlos Saýns 62 aýlawy 1 sagat 46 minut 37,418 sekuntda tamamlap, möwsümdäki ilkinji, karýerasyndaky 2-nji ýeňşini gazandy. Şunlukda, Karlos Saýns Junior Maks Werstappeniň hem-de «Red Bull» toparynyň dowam edip gelýän ýeňişli ýörişini soňlandyrmagy başardy. Niderland sürüjisi bassyr 10, «Red Bull» topary-da 15 ýaryşdan bäri ýeňiş gazanyp gelýärdi. Şol bir wagtyň özünde «Ferrari» topary F1-de 25 ýaryşdan soň ilkinji ýeňşini baýram etdi.**



**Ýaryşda «Mercedes» toparynyň britan sürüjileri – Lando Norris bilen Lýuwis Hamilton 2-3-nji orunlary eýelediler. «Ferrari» toparynyň beýleki sürüjisi, monakoly Şarl Lekler 4-nji orny eýeledi. Yzly-yzyna 10 ýaryşda ýeňiş gazanyp, bu ugurda rekord goýan «Red Bull» toparynyň niderland piloty Werstappen 5-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy.**

**Bu ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda utugyny 374-e ýetiren Werstappen liderligini dowam etdirýär. Topardaşy Serhio Peres 223 utuk bilen 2-nji ýerde barýar. Utugyny 180-e ýetiren Hamilton «Aston Martin» toparynyň 170 utukly sürüjisi Fernando Alonsodan öňe geçdi. Singapur «Gran Prisiniň» ýeňijisi Saýns bolsa 142 utuk bilen 5-nji ýeri eýeleýär.**

**Möwsümiň nobatdaky ýaryşy 24-nji sentýabrda Ýaponiýanyň Suzuka şäherinde geçiriler.**

# UEFA ÇEMPIONLAR LIGASYNYŇ TÄZE MÖWSÜMINE BADALGA BERILDI

**UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsüme badalga berlip, toparçalardaky ilkinji duşuşyklar geçirildi. Oýnalan 16 duşuşykda 48 gol hasaba alyndy. Duşuşyklaryň 5-si deňlikde tamamlanyp, şolaryň birinde-de hasap açylmady. 4 oýunda myhmanlar, 7 duşuşykda-da ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi. Ýaryşa gatnaşýan 5 ispan klubunyň 2-si ýeňiş gazanyp, 3-si deňme-deň oýnady. Italýan klublary 1-nji tapgyry 1 ýeňiş, 3 deňlik bilen tamamladylar. Nemes klublarynyň 2-si ýeňen bolsa, 2-si ýeňlişe sezewar boldy. Iňlis klublarynyň 2-si ýeňip, 1 topary utuldy, 1 topary-da deňme-deň oýnady.**


«Bawariýa»–«M. Ýunaýted»


«Lasio»–«Atletiko Madrid»


«Man. Siti»–«S. Zwezda»


«Barselona»–«Antwerpen»

### 35 OÝUNDAN BÄRI ÝEŇILMÄN GELÝÄR

● **«A» toparçada** tapgyryň iň esasy hasaplanýan duşuşygynda 7 gol geçirildi. Çekeleşikli geçen oýunda «Bawariýa» öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtedi» 4–3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Münhenlilere ýeňiş getiren gollary Sane (28), Gnabri (32), Keýn (53 p) hem-de Tel (90+2) geçirdi. 44 ýyldan soň ilkinji sapar yzly-yzyna 3 duşuşygyň hersinde 3 gol geçirden «Mançester Ýunaýtediň» adyndan Heýlund (49) hem-de Kazemiro (88, 90+5) tapawutlandy. «Bawariýa» toparçalarda 35 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. Toparçadaky beýleki duşuşykda «Galatasaraý» bilen «Kopengagen» duşuşdy. Myhmanlar 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky minutlarda 2 gol geçirdip, ýeňşi elden giderdi.

**«B» toparçada** 6 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna dolanan «Arsenal» topary PSW-niň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. Gollary Saka, Trossar, Gabriel Žesus hem-de Edegor öz atlaryna ýazdyrdylar. «Sewilýa» bilen «Lansyň» arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady (1–1).

**«C» toparçada** «Real Madrid» toparyna ýaryşyň debýutanty «Union Berlini» ýeňmek juda kyn düşdi. 90+4-nji minutda Bellingamyň geçiren goly bilen 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madrid» nemes klubuna garşy 30 urgy geçirdi. «Braga» bolsa öz meýdançasynda «Napoliden» 2–1 hasabynda asgyn geldi. «Napoli» toparyna ýeňiş getiren goly 88-nji minutda «Braganyň» oýunçysy Niakate ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden geçirdi.

**«D» toparçada** ýaryşyň wise-çempiony «Inter» myhmançylykda «Real Sosiedad» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňlişden halas boldy. 4-nji minutda Mendesiň goly bilen öňe geçen san-sebastianlylar 87-nji minutda Lautara Martinesiň goluna alaç tapyp bilmediler. Tapgyryň garaşylmadyk netijesi Lissabonda hasaba alnyp, «Benfika» öz meýdançasynda «RB Salsburgdan» 2-0 hasabynda utuldy. Awstriýanyň wekiline ýeňiş getiren gollary Şimiç (15 p) bilen Gluh (51) geçirdi. 3-nji minutda «RB Salsburgdan» Konate penaltini dürs urup bilmedi. Şeýle-de, 13-nji minutda «Benfikanyň» goragçysy Antoni Silwa gyzyl kart aldy.

### GOL GEÇIREN 4-nji DERWEZEÇI

● **«E» toparçada** «Feýenoord» soňky ýarym sagada golaý wagty 2 oýunçy kem oýnan «Seltik» toparyny Stengs (45+2) hem-de Jahanbahşyň (76) gollary bilen 2-0 ýeňdi. Oýunda «Feýenoordyň» oýunçysy Paýşao 65-nji minutda penaltini dürs urup bilmedi. «Lasio» bilen «Atletikonyň» arasyndaky oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. 29-njy minutda Barriosyň goly bilen öňe geçen «Atletiko Madridiň» derwezesinden hasaby deňleýän goly 90+5-nji minutda «Lasionyň» derwezeçisi Iwan Prowedel geçirdi. Ol Çempionlar Ligasynda gol geçiren 4-nji derwezeçi hökmünde hasaba alyndy. Ondan öň germaniýaly Hans-Ýorg Butt, türkiýeli Sinan Bolat hem-de nigeriýaly Wensan Enýeama geçirdi. Germaniýaly Hans-Ýorg Butt 3 gol geçirip, ol şol gollaryň 3-sini hem 3 dürli klubuň («Hamburg» — 2000/01, «Baýer» — 2001/02, «Bawariýa» — 2009/10) derwezeçisi hökmünde penaltiden «Ýuwentusyň» derwezesinden girizdi.

**«F» toparçada** «Milan» öz meýdançasynda «Nýukasla» garşy 25 hüjüm geçirse-de, şolaryň hiç birinden oňyn netije alyp bilmedi. Netijede, 0–0 hasabynda tamamlanan oýun tapgyryň golsuz geçen ýeke-täk duşuşygy boldy. PSŽ bilen «Borussiýa Dortmundyň» arasyndaky oýunda-da gollar 2-nji ýarymda geçirilip, parižliler Mbappeniň hem-de Hakiminiň tapawutlanmagynda 2-0 ýeňiş gazandy.


Mohamed Simakan

**«G» toparçadaky** duşuşyklaryň 2-si hem 3–1 hasabynda tamamlandy. Soňky çempion «Mançester Siti» öz meýdançasynda garşydaşy «Srwena Zwezda» toparynyň 1–0 öňe geçendigine garamazdan, 3–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda şäherlileriň gollaryny Hulian Alwares (2) bilen Rodri geçirdi. «Ýang Boýz» bilen «Leipsigiň» arasyndaky duşuşyk hem 3–1 hasabynda tamamlanyp, nemes klubunyň fransiýaly goragçysy Mohamed Simakan 3-nji minutda hasaby açdy. Bu gol täze möwsümiň ilkinji goly hökmünde hasaba alyndy. «Leipsigiň» beýleki gollaryny Şlager bilen Şeşko derweză girizdi.

### 100 GOLA ÝETEN 3-nji FUTBOLÇY

● **«H» toparçada** «Barselona» öz meýdançasynda Çempionlar Ligasyna ilkinji gezek gatnaşýan «Antwerpen» toparyny 5–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 1 asist eden Žoao Feliks 2 gezek tapawutlandy. Lewandowski (19), Bataý (22, ö.d.) hem-de Gawi (54) «Barselonanyň» beýleki gollarynyň awtory boldy. Polşaly hüjümçi Lewandowskiniň UEFA-nyň klub ýaryşlaryndaky gollarynyň sany 100-e ýetdi. Ol Kristiano Ronaldo hem-de Lionel Messiden soň bu görkezijä ýeten 3-nji futbolçy boldy. «Porto» topary-da myhmançylykda «Şahtýor Donesk» toparyny Galeno (2) hem-de Tareminiň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňmegi başardy.


Robert Lewandowski

## 14 ýyldan soň gazanylan 2-nji çempionlyk

Woleýbol boýunça erkekleriň arasynda Ýewropanyň 33-nji çempionatynda Polşanyň ýygyndysy ýeňiji boldy. Olar Rimde oýnalan finalda ýer eýeleri Italiýanyň ýygyndysyndan 3:0 (25:20, 25:21, 25:23) hasabynda üstün çykmagy başardy. Bu olaryň 14 ýyldan soň 2-nji çempionlygy bolup, Polşanyň ýygyndysy mundan öň 2009-njy ýylda yklymyň çempionlygyny gazanypdy. 1975—1985-nji ýyllar aralygynda yzly-yzyna 5 gezek finalda utulan polýaklar, şondan soňky 2 finalynda-da çempion bolmagy başardy.



Soňky gezek 2 ýyl öň çempion bolan we umumylykda 5 çempionlygyň eýesi Italiýanyň ýygyndysy 5-nji gezek finalda ýeňildi.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda Sloweniýanyň ýygyndysy Fransiýany 3:2 hasabynda ýeňlişe sezewar edip, ilkinji gezek 3-nji ýeri eýeledi. Sloweniýanyň ýygyndysy mundan öňki 3 ýaryşda — 2015-nji, 2019-njy hem-de 2021-nji ýyllarda finala çykyp, kümüş medal gazanypdy.

Italiýadyr Bolgariýada, Demirgazyk Makedoniýada hem-de Ysraýylda geçirilen çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, Polşanyň ýyldyzy Wilfredo Leon saýlandy.

Çempionat 2026-njy ýylda Rumyniýada geçiriler.

## 2 rekord täzelendi

**Ýeňil atletika boýunça «Almaz Liganyň» şu möwsümdäki jemleýji bäsleşigi ABŞ-nyň Ýujin şäherinde geçirildi. Geçirilen bäsleşiklerde 2 dünýä rekordy goýuldy. Syrykly bökmek boýunça şwesiýaly türgen Armand Duplantis özüne degişli dünýä rekordyny täzeledi. Ol 6,23 metr beýige bökmegi başardy. Bu 23 ýaşyndaky türgeniň soňky 4 ýyldaky 7-nji rekordy bolup, ol şu ýylyň başlaryna Fransiýada ýapyk desgada geçirilen ýaryşda 6,22 metr beýige böküpdi.**




**Şeýle-de, 5 müň metre ylgamakda zenanlaryň arasynda efiopiýaly Gudaf Tsegaý 14 minut 00,21 sekuntda pellehana gelip, dünýä rekordyny goýdy. Bu ugurda ozalky rekord keniýaly Fait Kipýegona degişlidi. Kipýegon şu tomusda Parižde geçirilen ýaryşda 5 müň metr aralygy 14 minut 05,20 sekuntda geçipdi.**

Balgaýmak

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk baýramçylygy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllary içinde asyrlara barabar ýol geçdi. Siziň baştutanlygyňyzda uly ösüşlere eýe bolup, barha öňe barýan ýurdumyz gülleýär, rowaçlanýar. Ýurdumyzda alnyp barylýan asylly işlere özümiziň hem goşant goşýandygymyz üçin örän şatdyrys.

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowa®
ÝOKARY HILLI GAPLAMA

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

«Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýip nygtaýan **hormatly Prezidentimiz** – Siziň halkymyz hakynda edýän taýsyz tagallalaryňyz üçin çäksiz hoşallygymyzy bildirýäris.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk baýramçylygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 32 ÝYLLYGYNA

«TÜRKMENHIMIÝA»
DÖWLET KONSERNINIŇ

## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli işgärlerimiziň adyndan Sizi we tutuş halkymyzy Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramçylygy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Size we halkymyza parahatçylyk, saglyk, hoşniýetlilik, abadançylyk hem-de ýurdumyzyň geljekde-de uly üstünlikler gazanmagyny arzuw edýäris! Goý, Garaşsyzlygymyzyň her güni halkymyza şatlyk hem täze üstünlikler eçilsin!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň
«TÜRKMENTURBA» zawodynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## TÜRKMENISTANYŇ KÄRDEŞLER ARKALAŞYKLARYNYŇ MAGTYMGULY ETRAP BIRLEŞMESI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramçylygy bilen gyzgyn gutlaýarys! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mundan beýläk-de pajarlap ösmegini, güllemegini, Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, işleriňiziň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Goý, dünýä dursun, Türkmenistan döwletimiz dursun!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň
Magtymguly etrap birleşmesiniň başlygy
Gurbanmämmet AMANOW.**

## AJAÝYP BINA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi şanly ösüşlere, taryhy wakalara, toý-baýramlara beslenip gelen Garaşsyzlygyň 32 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Gülleýän, gül açýan ata Watanymyz Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly bolan şu ajaýyp ýylda ösüşli–özgerişli şöhrata beslenýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Siziň baştutanlygyňyzda eziz Diýarymyz gülläp ösýär. Ýurdumyzda halkymyz agzybirlikde, asudalykda halal zähmet çekip, bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Täze açylýan desgalar, Diýarymyzyň ähli künjeginde döwrebap obalardyr şäherçeleriň gurlup, şanly senelerde toý sowgady hökmünde ulanmaga berilmegi halkymyzy begendirýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramçylygy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, mertebäňiziň belent bolmagyny arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Size şanly baýramçylyk bolan Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy mynasybetli iň gowy arzuwlarymyzy ýollaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Garaşsyzlygyň şanyna şan, şöhratyna şöhrat goşdy. Bu şanly baýramçylyk mynasybetli Sizi we halkymyzy ýene-de bir gezek gutlamak bilen, şu baýramçylyga utgaşyp gelýän toýlaryň köp bolmagyny, Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, halkymyzyň mertebesiniň has-da belende galmagyny we ýurdumyzyň gülläp ösmegini arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ýurdumyzyň baş baýramçylygy bolan Garaşsyzlygyň 32 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýüregimizden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Garaşsyzlygyň gazanylmagy ýurdumyzyň syýasy, ykdysady taýdan özbaşdak ýola düşmeginiň, durmuş-ykdysady, medeni-ruhy ulgamlarda görlüp-eşidilmedik ösüş-özgerişlere eýe bolmagynyň badalga alyş nokadyna öwrüldi. Size mundan beýläk-de Türkmenistanyň ykdysadyýetde gülläp ösmeginiň hatyrasyna amala aşyrýan il-ýurt bähbitli işleriňizde hemişe rowaçlyk, berk jan saglyk we uzak ömür arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi şanly ösüşlere, taryhy wakalara, toý-baýramlara beslenip gelen Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Siziň baştutanlygyňyzda dünýä halklary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ileri tutýan hem-de halkara hukuk kadalaryny we borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ýurt hökmünde Türkmenistanyň abraýy belende galýar. Siziň öňe sürýän asylly başlangyçlaryňyzyň dünýäde giňden ykrar edilýändigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda ähli ugurlar boýunça uly üstünlikler gazanylyp, belent sepgitlere ýetildi. Hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde çalt depginler bilen ösýän döwletleriň hataryna goşuldy. Garaşsyzlyga eýe bolan ilkinji günlerinden bäri depginli ösüşlere we jemgyýetiň abadançylygyna gönükdirilen taslamalary amala aşyrýan Türkmenistan tutuş sebitiň gülläp ösüşine hem-de durnuklylygyna goşant goşýan uly mümkinçilikleriň merkezine öwrüldi.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ýene-de bir gezek Garaşsyzlygyň 32 ýyllyk baýramy bilen gutlap, Size berk jan saglyk, egsilmez güýç-gaýrat, işiňizde üstünlikleri arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli halkymyzy Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýurdumyzda uly ruhubelentlik, çäksiz şatlyk we buýsanç bilen bellenilip geçilýän baş baýramymyz – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk baýramy bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz Siziň baştutanlygyňyzda gün-günden berkäp, ýokary depginler bilen ösýär we belent sepgitlere ýetýär. Häzirki beýik taryhy eýýamda – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe agzybirlikde ýaşaýan, yhlasly zähmet çekýän, döredýän halkymyz Siziň eziz Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygyny, hemişelik Bitaraplygyny pugtalandyrýan beýik işleriňize, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryňyza we ýörelgeleriňize çäksiz guwanýar hem-de buýsanýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy mynasybetli Sizi ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we agzybir işgärleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk baýramy bilen Sizi we mähriban halkymyzy tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarlar. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda biziň işgärlerimiz hem ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürip, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna özleriniň mynasyp goşandyny goşýarlar.

Berkarar döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň ýokarlanmagy, halkymyzyň eşretli we bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin beýik işleri amala aşyrýan **hormatly Prezidentimiz** – Siziň janyňyzyň sag, başyňyzyň dik, umumadamzat bähbitli işleriňiziň rowaç bolmagyny, ata Watanymyz Türkmenistanyň agzybir halkyna bolsa ýurt abatlygyny, şeýle hem eziz Watanymyzyň ajaýyp durmuşynyň hözirini görüp we buýsanyp ýaşamagy arzuw edýäris!

Goý, ýurdumyz abat, ilimiz abadan bolsun!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi ýurdumyzyň baş baýramy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda amala aşyrylýan işler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi dünýäde ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň birine öwürýär. Halkymyzyň bagtyny äleme buşlaýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir güni uly ösüşlere we rowaçlyklara beslenýär. Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine we halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan umumadamzat bähbitli syýasatyňyz Garaşsyzlygyň 32 ýyllyk baýramynyň bellenilýän ýylyny gojaman taryhyň altyn sahypalaryna ýazýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň röwşen ýoluňyz bagta barýan nurly ýoldur, onuň gözbaşy watançylykdyr, maksady halka ak ýürekden hyzmat etmekdir, zandy halallyk, şygary ynsanperwerlikdir, binýady berkararlyk, Tugy agzybirlikdir. Halkymyz bu ösüşli ýolda Siziň daşyňyza mäkäm jebisleşip, döredijilikli zähmet çekýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# RUHABAT DOKMA TOPLUMY

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Türkmenistanyň halky şu günler buýsançly baýramyny – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramyny belleýär. Asyrlar bilen ölçenilýän taryhyň gözi bilen seredeniňde, şeýle gysga döwrüň dowamynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ykdysady kuwwaty ýokary depginde yzygiderli ösýän berkarar ýurt hökmünde dünýä özüni tanatdy.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň ýurduň Garaşsyzlyk binýadyny ähli babatda pugtalandyrmak ugrunda durmuşa geçirýän beýik işleriňiziň, paýhas bilen alyp barýan içeri we daşary syýasatyňyzyň netijesinde, Türkmenistan şu gününe hem-de ertirine uly ynam bilen garalýan, ösen döwletleriň hataryna goşulýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ähli işgärlerimiziň adyndan Garaşsyzlygyň 32 ýyllyk baýramy bilen mähirli gutlaýarys! Size we Siziň baştutanlygyňyzda Türkmenistanyň ähli halkyna ýurt parahatçylygyny hem-de abadançylygyny, her bir tutumly işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 32 ÝYLLYGYNA

BOUYGUES TÜRKMEN

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**JENAP SERDAR GURBANGULYÝEWIÇ BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan Jenap Prezident!**

Sizi ýetip gelýän Türkmenistanyň milli baýramy – Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys!

Garaşsyzlyk güni halkyň ýokary ruhuny, agzybirligini we jebisligini, onuň ägirt uly döredijilik kuwwatyny we ösüşiň täze belentliklerine ýetmekde sarsmaz ynamyny beýan edýän ajaýyp baýramçylykdyr.

Indi 32 ýyl bäri Türkmenistanda ägirt uly döredijilikli işler we taryhy özgerişlikler amala aşyrylýar. Ýurduň senagatyny ösdürmekde, şäher gurluşygynda we ulag geçelgelerini döretmekde Türkmenistanyň gazanan ajaýyp üstünlikleri köp ýurtlary haýran galdyrýar we sebit hyzmatdaşlygyny ösdürýär. Türkmenistan diňe bir ykdysady ösüşinde däl, eýsem, jemgyýetçilik gurluşynda, sportda, medeniýetde we milli däp-dessurlary gorap saklamakda hem möhüm netijeleri gazandy.

Ilkinji nobatda, yzygiderli durmuşa geçirilýän syýasy we ykdysady özgertmeler, parahatçylyk we asudalyk, sazlaşyk we özara düşünişmek bu ýokary sepgitlere ýetmegi üpjün edýän iň möhüm ýagdaýlardyr.

Sizi ýene bir gezek bu milli baýramçylyk bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, bagt, abadançylyk, Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, türkmen halkynyň abadançylygy üçin ähli meýilnamalaryňyzyň durmuşa geçirilmegini we işiňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Çuňňur hormatlanýan Jenap Prezident, size çuňňur hormat goýýandygymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul etmegiňizi haýyş edýäris.**

***«BUIG TÜRKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri.***

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ ГУРБАНГУЛЫЕВИЧУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Господин Президент!**

Примите наши самые теплые и искренние поздравления с национальным праздником – днём Независимости Туркменистана!

День Независимости – это великий праздник, олицетворяющий высокий дух, единство и сплоченность народа, его колоссальный созидательный потенциал и непоколебимую уверенность в достижении новых высот прогресса.

Вот уже 32 года в Туркменистане проводится огромная созидательная работа и исторические преобразования. Выдающиеся достижения Туркменистана в развитии промышленности страны, градостроительстве, создании транспортных коридоров восхищают многие страны и содействуют региональному сотрудничеству. Туркменистан добился не только экономического роста, но и значимых результатов в общественном строительстве, спорте, культуре и сохранении национальных традиций. Важнейшими факторами, обеспечивающими достижение этих высоких рубежей стали, прежде всего, мир и спокойствие, согласие и взаимопонимание, жизненно необходимые обществу и хранимые народом, последовательно и твёрдо проводимые политические и экономические реформы.

Ешё раз искренне поздравляем Вас со всенародным праздником. Желаем Вам крепкого здоровья, счастья, процветания, претворения в жизнь всех планов и больших успехов в проводимой Вами работе во имя дальнейшего процветания Туркменистана и благополучия туркменского народа!

**Соблаговолите принять, Глубокоуважаемый Господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении.**

***Руководство и сотрудники компании «BOUYGUES TURKMEN».***

BANK SADERAT IRAN
Ashgabat branch



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 32 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýaryn! Size berk jan saglygyny, uzak ömür, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýärin!

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda ähli ugurlar boýunça uly üstünlikler gazanylyp, belent sepgitlere ýetildi. Hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde çalt depginler bilen ösýän döwletleriň hataryna goşuldy. Garaşsyzlyga eýe bolan ilkinji günlerinden bäri depginli ösüşler we jemgyýetiň abadançylygyna gönükdirilen taslamalary amala aşyrýan Türkmenistan Siziň baştutanlygyňyzda tutuş sebitiň gülläp ösüşine hem-de durnuklylygyna goşant goşýan uly mümkinçilikleriň merkezine öwrüldi.

Toplumlaýyn özgertmeleriň netijesinde, ylaýta-da, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýurtda ilatyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanýandygy, uly döredijilikli işleriň alnyp barylýandygy, täze owadan şäherleriň gurulýandygy, iri döwrebap düzümleýin desgalaryň bina edilýändigi bizi örän begendirýär.

BMG-niň hem-de beýleki abraýly düzümleriň çäklerinde, dünýä we sebit ähmiýetli möhüm meseleler boýunça Türkmenistanyň öňe sürýän anyk başlangyçlary halkara giňişlikde Türkmenistanyň eýeleýän ornunyň hem-de abraýynyň barha ýokarlanýandygynyň ajaýyp subutnamasydyr.

Sizi Garaşsyzlyk güni mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn! Goý, Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Garaşsyzlygyň röwşen ýoly bilen ösüşleriň täze belentliklerine ynamly barýan Türkmenistan mundan beýläk hem gülläp össün, at-abraýy we şan-şöhraty dünýä dolsun! Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun, döwlet ähmiýetli işleriňiz hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Dolandyryjy Soruş HASSANI.**

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**
**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ**
**ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Разрешите от имени компании «EDC Romfor Limited» поздравить Вас и весь туркменский народ с 32-й годовщиной Независимости Туркменистана! Искренне желаем Вам, чтобы всегда были успешными все Ваши великие конструктивные инициативы, направленные на дальнейшее процветание Независимого, Нейтрального Туркменистана, уверенно следующего к новым высотам прогресса, укрепление мира и дружбы на планете!

Ещё раз от всего сердца поздравляем Вас с великим праздником – днём Независимости! Желаем Вам, крепкого здоровья и успехов в деятельности во имя процветания страны, а дружественному народу Туркменистана – мира и дальнейшего прогресса.

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании**
**«EDC ROMFOR LIMITED».**

speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOW!**

Sizi we ähli türkmen halkyny Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy bilen gyzgyn gutlaýarys! Öz halkyny guwandyryjy galkynyşlara alyp barýan, çuňňur hormatlanýan Prezident, Size berk jan saglyk we işiňizde üstünlik, türkmen halkyna gülläp ösmegi, bagt we ýagty geljegi arzuw edýäris!

**Joe SPYTEK,**
**«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOV!**

We warmly congratulate You and all Turkmen people on the upcoming celebration of 32-th anniversary of Independence Day of Turkmenistan! We wish good health, long life, success to the highly-esteemed President, and prosperity, flourishing life and bright future to the Turkmen people!

**Joe SPYTEK,**
**CEO «Speedcast»**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**
**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с национальным праздником Туркменистана – днём Независимости!

Под Вашим мудрым руководством туркменистанцы встречают 32-ю годовщину священной независимости с большим вдохновением и трудовыми победами. Годы священной независимости ознаменованы важными политическими, экономическими и культурными событиями.

Туркменистан, с первых дней независимости реализующий проекты, направленные на динамичное развитие и благополучие общества, стал под руководством Вашего Превосходительства центром больших возможностей и вносит вклад в процветание и устойчивость всего региона.

Своей многогранной деятельностью Вы последовательно укрепляете государственность современного Туркменистана, его позицию в регионе.

Впечатляющие достижения страны являются плодом созидательного труда туркменского народа и рационального освоения природных богатств, постоянного совершенствования производственного и научного потенциала.

Пользуясь возможностью, хотел бы выразить глубокую признательность за поддержку, которую Вы оказываете нашей компании.

Позвольте поздравить Вас от имени нашей компании по случаю славного праздника – 32-й годовщины Независимости Туркменистана!

Желаем Вам крепкого здоровья, долгих лет жизни, успехов в вашей государственной деятельности, осуществляемой во благо народа и страны!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,**
**Генеральный директор филиала**
**Китайской Национальной Нефтегазовой**
**Корпорации «Интернационал Лтд.»**
**(CNPC) в Туркменистане.**

# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 32 ÝYLLYGYNA

HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!**

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny baş döwlet baýramçylygy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Bu baýramçylyk güýçli, Garaşsyz, Bitarap we ösüşlere beslenýän ýurduň, erkinligiň we beýikligiň nyşanyna öwrüldi.

Bu geçen döwürde Türkmenistan döwlet we durmuş-ykdysady ulgamynda ynamly öňe barýandygyny äşgär etmekligi başardy. Kanunçylyk we demokratiýa ulgamy kämilleşdirilýär. Täze ýollar, zawoddyr fabrikler gurulýar, ýurduň sanly infrastrukturasy kämilleşdirilýär, ýerli önümçiligiň eksport kuwwaty yzygiderli artdyrylýar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllary işjeň önümçilik we kämilleşdiriş işlerine beslendi. Türkmenistan tarapyndan saýlanylyp alnan ykdysady ösüş ýoly bolsa raýatlaryň durmuş-ykdysady şertleriniň gowulandyrylmagyna gönükdirildi.

Ynanylan uly göwrümli taslamalary tehnologiýanyň soňky gazananlaryny, ýokary hilli harytlary ulanmak arkaly amala aşyrmakda, şeýle hem adam zähmetiniň goraglylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmekde bildirilýän talaplara ygrarlydygymyzy görkezmek arkaly Türkmenistan bilen köpýyllyk hyzmatdaşlygymyzy dowam etdirmek biz üçin uly abraýdyr.

Sizi ýene bir gezek ählihalk baýramçylygy bilen tüýs ýürekden mübärekleýäris! Size berk jan saglyk, Türkmenistanyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan uly göwrümli işleriňizde üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,** **«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас и весь народ Туркменистана с главным государственным праздником страны – 32-й годовщиной Независимости Туркменистана!

Этот праздник стал символом свободы и величия, символом сильной, Независимой, Нейтральной и развивающейся страны!

За годы своей истории Туркменистан неизменно демонстрирует уверенное поступательное движение в сфере государственного и социально-экономического развития. Совершенствуется законодательство, развиваются демократические институты. Строятся новые дороги, заводы и фабрики, совершенствуется цифровая инфраструктура, наращивается экспортный потенциал отечественной индустрии.

Годы независимости Туркменистана наполнены свершениями и созидательным трудом, а путь активного экономического прогресса, избранный Туркменистаном, нацелен на всестороннее улучшение социально-экономических условий жизни людей.

Для нас высокая честь продолжать многолетнее сотрудничество, участвуя в реализации доверенных нам масштабных проектов, с применением самых современных технологий, высококачественных материалов и с соблюдением самых строгих требований по охране и безопасности труда.

Ещё раз искренне поздравляем Вас со всенародным праздником. Желаем Вам крепкого здоровья, претворения в жизнь всех планов и больших успехов в проводимой Вами масштабной работе во имя дальнейшего процветания Туркменистана!

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании «HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.».**

---

HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!**

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny baş döwlet baýramçylygy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Türkmenistanyň Garaşsyzlygy türkmenistanlylar üçin halkyň erkinliginiň we döwlet özygtyýarlygynyň nyşany bolup, watansöýüjiligiň belent nusgasydyr.

Türkmenistanda 32 ýylyň dowamynda ägirt uly işler durmuşa geçirildi. Oňyn Bitaraplyk, parahatsöýüjilik hem-de hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barýan ýurt hökmünde Türkmenistanyň abraýy has-da belende galýar. Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ykdysadyýetiň durnukly we utgaşykly ösdürilmegine, onuň dünýäniň ykdysady giňişligine netijeli goşulyşmagyna, şeýle hem giň gerimli milli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine ägirt uly ähmiýet berilýär.

Biziň kompaniýamyzyň agzybir işgärleri Türkmenistanyň ösüşine hem-de aragatnaşyk pudagynda alnyp barylýan işlere goşant goşmak mümkinçiligine eýe bolandygyna buýsanýarlar.

Biz Size berk jan saglygyny, uzak ömür, Siziň hemişelik Bitarap we Garaşsyz Türkmenistany täze belentliklere çykarmak, ýurduň zähmetsöýer halkynyň bagtly we abadan durmuşyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan döredijilikli işiňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас и весь народ Туркменистана с главным государственным праздником страны – 32-й годовщиной Независимости Туркменистана!

Независимость Туркменистана олицетворяет свободолюбие нации и страны, суверенность государства и истинный патриотизм туркменистанцев.

На протяжении 32 лет в Туркменистане проводится огромная созидательная работа. Растёт авторитет Туркменистана как государства, проводящего политику конструктивного нейтралитета, миролюбия, добрососедства. Под Вашим руководством уделяется огромное значение стабильному и скоординированному развитию экономики, её успешной интеграции в мировое экономическое пространство, а так же реализации широкомасштабных национальных проектов.

Наша компания и все её сотрудники гордятся возможностью вносить свой посильный вклад в развитие Туркменистана, и в работу проводимую в области связи.

Мы от всего сердца желаем Вам доброго здоровья и долголетия, больших успехов в Вашей созидательной деятельности, призванной обеспечить восхождение постоянно Нейтрального и Независимого Туркменистана к новым высоким рубежам, мирную, счастливую и благополучную жизнь трудолюбивого народа страны!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

---

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda giňden bellenilýän Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan belent maksatlara tarap bedew bady bilen ynamly öňe barýar. Türkmenistanyň ykdysady, medeni we durmuş ösüşi babatda giň gerimli maksatnamalary, durmuş-ykdysady, medeni aň-bilim, jemgyýetçilik-syýasy özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmaga ýardam berýär. Nebitgaz, oba hojalyk, gurluşyk, energetika, ykdysadyýet, dokma, medeniýet, ylym-bilim, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk ulgamlarynda Türkmenistanyň ykdysady taýdan ýokary depginler bilen ösýän hem-de ynamly öňe barýan döwletdigini ykrar edýän giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Dünýäde parahatçylygyň we ylalaşygyň pugtalandyrylmagy üçin tagallalary birleşdirýän, ählumumy ösüşiň, abadançylygyň hem-de rowaçlygyň bähbitlerine oňyn bitaraplyk, parahatsöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barýan Garaşsyz döwlet hökmünde Türkmenistanyň halkara abraýy yzygiderli ýokarlanýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi ýene-de bir gezek ýurdumyzyň baş baýramy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Size berk jan saglyk, uzak ömür, Türkmenistanyň mundan beýläkde gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan baş direktory Ý. GURATOW.**